# Din-u millet sorar iseň, aşyklara din ne hajat?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Din-u millet sorar iseň, aşyklara din ne hajat?



Din-u millet sorar iseň, aşyklara din ne hajat?
Aşyk kişi harap olar, aşyk bilmez din, diýanat.
Aşyklaryň köňli, gözi magşuk diýe gitmiş olar,
Aýry suratda ne galar, kim kylyşar zuhd-u takat.

Takat kylan uçma üçin din tutmaýan tamug üçin,
Ol ikiden paryg olar, näýe meňzär bu yşarat.

Her kim dosty söýer ise, dostdan ýana gitmek gerek,
Işi-güýji dost olajak, jümle işden olar azat.

Onuň kibi magşukanyň habaryny kim getirer,
Jebraýly-mürsele sygmaz, onda olajak mynajat.

Sorag, hasap olmaý ise, dünýä ahyret goýana,

Müňkür-u Nekir ne sorar, terk alyjak jümle myrat.

Howp-u reja gelmez onda, barlyk, ýokluk biragana,
Ylm-u amal sygmaz onda, ne terezi, ne hut Syrat

Ol kyýamat bazarynda her gula baş gaýgysy,
Ýunus, sen aşyklar ile görmeýesiň kyýamat. Goşgular